# Dostum, çün ýüze gelmek eýlemiş sen huw saňa…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dostum, çün ýüze gelmek eýlemiş sen huw saňa…



Dostum, çün ýüze gelmek eýlemiş sen huw saňa,
Ýöri eý her jaý bar şimden giru «Ýa huw» saňa.
Gel akytma gözlerimiň ganly ýaşyn, söwdügim,
Ojagyňa suw guýar, haýyr etmez ahyr bu saňa.

Çeşmine jan berdik, eý, dil, pendimi güwş etmediň,
Gör nije syhr etdi ahyr bu iki jady saňa.

Öldürerseň laglyň aby hasraty-le ger meni,

Teşne jan biýr, Hak dadyrmasyn bir içim suw saňa.

Zulmaty gamda goýdy-se seni ýaryň, gam iýme,
Bulunar, Mähri jahandyr ýene bir mahru saňa. Goşgular